# TÜRKMENISTANYŇ
# K A N U N Y

## Aragatnaşyk hakynda

(Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., № 1, 17-nji madda)

(Türkmenistanyň 03.04. 2014 ý. № 82-V, 20.03.2017 ý. № 529-V, 26.08.2017 ý. № 603-V, 09.06.2018 ý. № 50-VI, 08.06.2019 ý. № 153-VI, 22.08.2020 ý. № 278-VI we 05.06.2021 ý.

№ 390-VI Kanunlary esasynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen)

*Şu Kanun Türkmenistanda telekommunikasiýa we poçta aragatnaşygy babatdaky işiň hukuk esaslaryny belleýär, ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň bu işi düzgünleşdirmek boýunça ygtyýarlylygyny, şeýle hem görkezilen işe gatnaşýan ýa-da aragatnaşyk hyzmatlaryny peýdalanýan ýuridik we fiziki şahslaryň hukuklaryny we borçlaryny kesgitleýär.*

## I BAP. UMUMY DÜZGÜNLER

### 1-nji madda. Aragatnaşygyň wezipesi

1. Türkmenistanda aragatnaşyk önümçilik we sosial infrastrukturanyň aýrylmaz bölegi bolup durýar we peýdalanyjylaryň telekommunikasiýa we poçta aragatnaşyk hyzmatlarynyň edilmegi arkaly habarlary dolandyrmak, ýaýratmak, alyşmak wezipelerini we başga işlerini amala aşyrmaklary üçin niýetlenendir.

2. Telekommunikasiýa aragatnaşygy öz görnüşine (telefon, telegraf, radio, telewizion, elektron, Internet, hemra we aragatnaşygyň başga

görnüşleri) ýa-da häsiýetine laýyklykda tapawutlanýan geçiriji, radio,-optiki we başga elektromagnit ulgamlarynyň toplumy bolup durýar.

3. Elektron-hasaplaýyş (kompýuter) tehnikasynyň serişdeleri bilen bitewülikde telekommunikasiýa aragatnaşygy habaryň ýygnalmagyny, işlenilmegini, saklanylmagyny, toplanylmagyny we ýaýradylmagyny üpjün edýär.

4. Poçta aragatnaşygy poçta ugratmalarynyň, pul serişdeleriniň, şol sanda belli bir maksada niýetlenen beýleki tölegleriň kabul edilmegini, saklanylmagyny, işlenilmegini, daşalmagyny we eltilmegini (gowşurylmagyny) hem-de beýleki goşmaça hyzmatlaryň edilmegini üpjün edýär.

**2-nji madda. Şu Kanunyň maksatlary**

Şu Kanunyň maksatlary:

1) Türkmenistanyň tutuş çäginde aragatnaşyk hyzmatlarynyň edilmegi üçin şertleri döretmek;

2) geljegi bolan tehnologiýalaryň we standartlaryň pudaga ornaşdyrylmagyna ýardam etmek;

3) aragatnaşyk hyzmatlaryny peýdalanyjylaryň we aragatnaşyk babatda iş alyp barýan ýuridik we fiziki şahslaryň bähbitlerini goramak;

4) aragatnaşyk hyzmatlarynyň bazarynda önjeýli we päk ýürekli bäsleşigi üpjün etmek üçin şertleri döretmek;

5) Türkmenistanda aragatnaşyk infrastrukturasyny ösdürmek we onuň halkara aragatnaşyk ulgamlary bilen özara birleşmegini üpjün etmek üçin şertleri döretmek;

6) Türkmenistanda radioýygylyk resursynyň we belgileýiş resursynyň merkezleşdirilip dolandyrylmagyny üpjün etmek;

7) döwlet dolandyrylyşynyň, ýurduň goranmagynyň, döwletiň howpsuzlygynyň we hukuk tertibiniň hajatlarynyň üpjün edilmegi üçin

aragatnaşyga bolan zerurlyklaryň kanagatlandyrylmagy üçin şertleri döretmek.

## 3-nji madda. Şu Kanunda ulanylýan esasy düşünjeler

Şu Kanunyň maksatlary üçin aşakdaky esasy düşünjeler ulanylýar:

1) **abonent** – aragatnaşyk hyzmatlarynyň edilmegi üçin abonent belgisi ýa-da laýyklygynyň anyklanmagynyň özboluşly kody bölünip berlen mahalynda şeýle hyzmatlaryň edilmegi hakynda aragatnaşyk operatory tarapyndan şertnama baglaşylan aragatnaşyk hyzmatlaryny peýdalanyjy;

2) **ýokary ýygylykly enjamlar** – senagat, ylmy, lukmançylyk, durmuş we beýleki maksatlar bilen radioýygylyk energiýasyny öndürmek we peýdalanmak üçin niýetlenen enjam ýa-da abzallar;

3) **aragatnaşyk liniýalary** – geçiriş liniýalary, fiziki zynjyrlar we aragatnaşygyň liniýa-kabel desgalary;

4) **belgileýiş** – aragatnaşyk ulgamynyň we (ýa-da) onuň uzel ýa-da ahyrky bölekleriniň birbelgili kesgitlenmegi (laýyklygynyň anyklanmagy) üçin niýetlenen sanly, harply, alamatly aňladylmasy ýa-da şeýle aňladylmalaryň utgaşmalary, şol sanda kodlary;

5) **ahyrky enjam (peýdalanyjylar enjamy)** – abonent liniýalaryna birikdirilen we abonentleriň peýdalanmagynda durýan ýa-da şeýle maksatlar üçin niýetlenen aragatnaşyk liniýalary boýunça elektroaragatnaşyk signallaryny ibermek we (ýa-da) kabul etmek üçin tehniki serişdeler;

6) **aragatnaşyk operatory** – degişli ygtyýarnamanyň esasynda telekommunikasiýa ýa-da poçta aragatnaşyk hyzmatlaryny edýän ýuridik ýa-da fiziki şahs;

7) **aragatnaşyk hyzmatlaryny peýdalanyjy** – telekommunikasiýa we (ýa-da) poçta aragatnaşyk hyzmatlaryny buýurýan we (ýa-da) peýdalanýan şahs;

8) **radioelektron serişdeler** – geçiriji we (ýa-da) kabul ediji enjamlaryň birinden ýa-da birnäçesinden, ýa-da şeýle enjamlaryň utgaşmasyndan

duryan we kömekçi enjamy öz içine alýan radiotolkunlary ibermek we (ýa-da) kabul etmek üçin niýetlenen tehniki serişdeler;

9) **belgileýiş resursy** – belgileýşiň görnüşleriniň aragatnaşyk ulgamlarynda peýdalanylyp bilinýän jemi ýa-da bir bölegi;

10) **aragatnaşyk ulgamy** – aragatnaşyk serişdelerini we liniýalaryny öz içine alýan hem-de telekommunikasiýa we poçta aragatnaşygy üçin niýetlenen tehnologik ulgam;

11) **radioýygylyk** – elektromagnit yrgyldylarynyň radioýygylyk spektriniň ýeke-täk düzümini aňlatmak üçin bellenilýän ýygylygy;

12) **radioýygylyk spektri** – radioýygylyklaryň Halkara elektrik aragatnaşygynyň birleşmesi tarapyndan bellenilen çäklerdäki radioelektron serişdeleriniň ýa-da ýokary ýygylykly enjamlaryň işlemegi üçin peýdalanylyp bilinjek jemi;

13) **aragatnaşyk desgalary** – inženerçilik infrastrukturasynyň obýektleri, şol sanda aragatnaşyk serişdelerini we telekommunikasiýa aragatnaşyk kabellerini ýerleşdirmek üçin döredilen ýa-da şonuň üçin ulanmaga niýetlenen jaýlar, gurulmalar;

14) **aragatnaşyk serişdeleri** – telekommunikasiýa aragatnaşygynyň habarlaryny ýa-da poçta ugratmalaryny döretmek, kabul etmek, işlemek, saklamak, gowşurmak, eltmek üçin peýdalanylýan tehniki we programma serişdeleri, şeýle hem aragatnaşyk hyzmatlary edilende ýa-da aragatnaşyk ulgamlarynyň işlemegi üpjün edilende peýdalanylýan beýleki tehniki we programma serişdeleri;

15) **aragatnaşyk hyzmaty** – telekommunikasiýa aragatnaşygynyň habarlaryny ýa-da poçta ugratmalaryny kabul etmek, işlemek, saklamak, gowşurmak, eltmek boýunça iş;

16) **elektrik aragatnaşygy** – islendik şöhle saçmalar, belgileriň, signallaryň, sesli habaryň, ýazmaça tekstiň, şekilleriň, sesleriň ýa-da islendik häsiýetdäki habarlaryň radioulgam, simli, optiki we başga elektromagnit ulgamlary boýunça berilmegi ýa-da kabul edilmegi;

17) **telekommunikasiýa aragatnaşyk ulgamy** – telefon, telegraf, faksimil habarlary we resminamalaýyn habarlaryň beýleki görnüşlerini bermegiň bir ýa-da birnäçe görnüşlerini, telewideniýe we radio

önümleriň toplumynyň ýaýlyma berilmegini üpjün edýän telekommunikasiýa aragatnaşyk serişdeleriniň jemi;

18) **hökümet aragatnaşygy** – habaryň Türkmenistanyň Hökümetiniň hajatlary üçin kabul edilmegini, işlenilmegini we berilmegini üpjün edýän telekommunikasiýa ulgamlary we serişdeleri;

19) **feldýegerlik aragatnaşygy** – hökümet çapar aragatnaşygynyň döwlet edaralarynyň ýazmaça hat-habarlarynyň kabul edilmegini, saklanylmagyny, daşalmagyny we eltilmegini üpjün edýän görnüşi;

20) **çapar aragatnaşygy** – ugratmalaryň gös-göni iberijiden we gös-göni adresata elin gowşurmak bilen kabul edilmegi, işlenilmegi, saklanylmagy, daşalmagy we eltilmegi;

21) **ulgamara birikdirmeler** – peýdalanyjylaryň arasynda habaryň berilmegini we kabul edilmegini üpjün edýän telekommunikasiýa aragatnaşygynyň dürli operatorlarynyň telekommunikasiýa aragatnaşyk ulgamlarynyň arasyndaky tehnologik özara hereketi;

22) **Internet-hyzmatlary** – maglumatlaryň Internet kanallary boýunça berilmegi ýa-da kabul edilmegi arkaly amala aşyrylýan hyzmatlar;

23) **telekommunikasiýa aragatnaşyk ulgamlarynyň habar howpsuzlygy** – telekommunikasiýa aragatnaşyk ulgamlarynyň habaryň ýok edilmekden, üýtgedilmekden, gabalmakdan, onuň rugsatsyz alynmagyndan ýa-da onuň ugrunyň bellenilen tertibiniň bozulmagyndan goralmagyny üpjün etmek başarnygy;

24) **habar** – berliş görnüşine garamazdan, şahslar, närseler (zatlar), faktlar, wakalar, hadysalar we prosesler hakynda maglumatlar;

25) **teleulgam** – radio we telewideniýe önümleriniň toplumynyň ýaýradylmagy, şeýle hem beýleki telekommunikasiýa we multimedia hyzmatlarynyň edilmegi üçin niýetlenen hem-de başga telekommunikasiýa aragatnaşyk ulgamlary bilen özara birleşip bilýän telekommunikasiýa ulgamy;

26) **poçta ugratmasy** – hatlar, poçta kartoçkalary, banderollar, bukjalar, ýollamalar (posylkalar), poçta konteýnerleri, degişli gapdaky neşir önümleri, sekogrammalar, aerogrammalar;

27) **ýörite aragatnaşyk** – çapar aragatnaşygynyň poçta aragatnaşygynyň kärhanalary tarapyndan amala aşyrylýan we kanun arkaly goralýan islendik syry hem-de gymmatlyklary, şol sanda gymmat bahaly metallary we olardan edilen önümleri özünde jemleýän ýörite we beýleki ugratmalaryň kabul edilmegini, işlenilmegini, saklanylmagyny, goralmagyny, daşalmagyny we eltilmegini (gowşurylmagyny) üpjün edýän görnüşi;

28) **ýörite ugratmalar** – bellige alynýan bukjalar, ýollamalar, döwlet syrlary hem-de olaryň göterijileri, şeýle hem döwlet edaralarynyň aýratyn möhüm bolan hat-habarlary, önümler we olaryň düzüm bölekleri (maddalary) goýlan metizler;

29) **ýaýlyma bermek** – habar berliş prosesiniň telewideniýe we radio önümleriň toplumyny ýaýratmak üçin geçiriji radioelektron serişdelerini, kabel ulgamlaryny we radioýygylyk spektriniň nominallaryny peýdalanmak bilen amala aşyrylmagy.

### 4-nji madda. Şu Kanunyň hereket ediş çygry

1. Şu Kanunyň hereketi Türkmenistanyň çäginde bolýan we telekommunikasiýa we poçta aragatnaşyk hyzmatlaryny edýän ýa-da olary peýdalanýan ýuridik we fiziki şahslara degişlidir.

Daşary ýurt ýuridik we fiziki şahslaryna, şeýle hem raýatlygy bolmadyk adamlara şu Kanunyň hereketi Türkmenistanyň ýuridik we fiziki şahslaryna degişli bolşy ýaly şertlerde we tertipde degişlidir, olaryň işiň aýry-aýry görnüşlerini amala aşyrmagy boýunça Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen çäklendirmeler muňa degişli däldir.

2. Hökümet, feldýegerlik aragatnaşygynyň, teleradio ýaýradyşyň, pudaklaýyn edara degişli tehnologik aragatnaşygyň işi, şeýle hem aragatnaşyk babatynda şu Kanun bilen düzgünleşdirilmedik başga gatnaşyklar Türkmenistanyň beýleki kanunlary we kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýär.

### 5-nji madda. Türkmenistanyň aragatnaşyk hakynda kanunçylygy

Türkmenistanyň aragatnaşyk hakynda kanunçylygy Türkmenistanyň Konstitusiýasyna esaslanýar hem-de şu Kanundan we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan durýar.

## II BAP. ARAGATNAŞYK BABATDA DÖWLET DOLANDYRYLYŞY

### 6-njy madda. Aragatnaşyk babatda ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary

1. Türkmenistanda aragatnaşyk babatda döwlet dolandyrylyşyny Türkmenistanyň Ministrler Kabineti we «Türkmenaragatnaşyk» agentligi amala aşyrýarlar.

2. Türkmenistanyň Goranmak ministrligi, Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk ministrligi, Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugy, Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi öz ygtyýarlylygynyň çäklerinde ýurtda goranmagy, milli howpsuzlygy, serhedi we hukuk tertibini goramagy üpjün etmek maksady bilen ulanylýan aragatnaşyk babatdaky işi düzgünleşdirýärler.

### 7-nji madda. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň aragatnaşyk babatda ygtyýarlylygy

Şu aşakdakylar Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň aragatnaşyk babatda ygtyýarlylygyna degişlidir:

1) Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, Türkmenistanyň kanunlaryna we Türkmenistanyň Prezidentiniň namalaryna laýyklykda aragatnaşyk babatda döwlet syýasatyny kesgitlemek;

2) aragatnaşyk babatda döwlet dolandyrylyşynyň ýeke-täk ulgamyny döretmek we onuň işlemegini üpjün etmek;

3) aragatnaşyk babatda ösüşiň ileri tutulýan esasy ugurlaryny kesgitlemek, milli ösüş maksatnamalyryny tassyklamak;

4) aragatnaşyk babatda halkara hyzmatdaşlygynyň ösüşini üpjün etmek, «Türkmenaragatnaşyk» agentligigine bu meseleler boýunça ygtyýarlyklar bermek;

5) radioýygylyk spektrini paýlamak we peýdalanmak, şeýle hem aragatnaşyk hemralarynyň geostasionar we orbital pozisiýalaryny peýdalanmak babatda döwlet syýasatyny kesgitlemek;

6) umumy peýdalanylýan telekommunikasiýa aragatnaşyk ulgamlaryny, Türkmenistanda döwlet edaralarynyň, goranmak, milli howpsuzlyk we hukuk tertibini goraýyş edaralarynyň hajatlary üçin ýeke-täk telekommunikasiýa aragatnaşyk ulgamynyň resurslaryny taýýarlamagyň we peýdalanmagyň tertibini tassyklamak;

7) ähli wezipelerdäki radioelektron serişdeler üçin Türkmenistanyň radio gulluklarynyň arasynda 3 kGs-den 400 GGs-e çenli ýygylyklaryň diapazonynda zolaklary paýlamagyň tablisasyny tassyklamak;

8) poçta ugratmalarynda Türkmenistanyň çäginden daşyna iberilmegi gadagan edilýän goýumlaryň sanawyny kesgitlemek;

9) aragatnaşyk babatda beýleki ygtyýarlyklary amala aşyrmak.

**8-nji madda. «Türkmenaragatnaşyk» agentliginiň aragatnaşyk babatda ygtyýarlylygy**

1. «Türkmenaragatnaşyk» agentligi:

1) aragatnaşyk babatda milli resurslaryň paýlanylmagyny we peýdalanylmagyny hem goşmak bilen, aragatnaşyk babatda döwlet syýasatyny durmuşa geçirýär;

2) aragatnaşyk babatda işiň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegini we oňa gözegçilik edilmegini amala aşyrýar;

3) Türkmenistanda aragatnaşyk pudagyny ösdürmegiň we kämilleşdirmegiň esasy ugurlarynyň işlenip düzülmegini we durmuşa geçirilmegini guraýar;

4) aragatnaşyk babatda pudagara işi utgaşdyrýar;

5) aragatnaşygy ösdürmegiň milli we pudak maksatnamalaryny işläp düzýär we olaryň amala aşyrylmagyny guraýar;

6) Türkmenistanyň aragatnaşyk babatda kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň işlenip düzülmegine gatnaşýar;

7) Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine aragatnaşyk resurslaryny ösdürmegiň meseleleri boýunça teklipleri girizýär;

8) radioýygylyk spektriniň netijeli peýdalanylmagyny meýilleşdirýär;

9) aragatnaşyk hyzmatlary bazarynyň işlemegi üçin şertleri döredýär;

10) aragatnaşyk babatdaky milli resurslary dolandyrýar;

11) öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde pudaklaýyn kadalaşdyryjy hukuk namalary işläp düzýär we kabul edýär;

12) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda aragatnaşyk babatdaky işiň ygtyýarlylandyrylmagyny amala aşyrýar;

13) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde aragatnaşyk babatda işi amala aşyrýan we radioýygylyk spektrini peýdalanýan ýuridik we fiziki şahslaryň aragatnaşyk obýektlerine barmaga rugsady bardyr;

14) aragatnaşyk serişdeleri şahsyýetiň, jemgyýetiň we döwletiň bähbitlerine zyýan ýetirmek maksady bilen peýdalanylan halatynda pudaga degişliligine we eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, tehniki serişdeleriň we telekommunikasiýa we poçta aragatnaşyk ulgamlarynyň işini togtadýar;

15) aragatnaşyk babatda döwlet tehniki gözegçilik barlagyny we gözegçiligini amala aşyrýar;

16) adamlaryň janyna we saglygyna, daşky gurşawa hem-de ýaşaýyş ulgamlarynyň kadaly işlemegine howp döredýän aragatnaşyk ulgamlarynyň tehnologik enjamyny ulanmagyň, zähmeti goramagyň we

howpsuzlyk tehnikasynyň kadalarynyň bozulmalary ýüze çykarylan mahalynda aragatnaşygyň aýry-aýry serişdeleriniň ýa-da ulgamlarynyň işindäki bozulmalary düzetmek hakynda teklipnamalar iberýär;

17) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ýuridik we fiziki şahslaryň aragatnaşyk babatda gatnaşyklary düzgünleşdirmäge degişli meseleleri boýunça ýüztutmalaryna garaýar;

18) Türkmenistanyň milli howpsuzlyk edaralary bilen aragatnaşyk babatda milli howpsuzlygy üpjün etmek boýunça talaplary belleýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryny ylalaşýar, şeýle hem olar bilen bilelikde aragatnaşyk babatda milli howpsuzlygy üpjün etmegiň meseleleri boýunça aragatnaşyk operatorlarynyň işini utgaşdyrýar;

19) Türkmenistanyň çäginde aragatnaşyk hyzmatlaryny edýän ýuridik we fiziki şahslar bilen özara gatnaşyklary düzgünleşdirýär, olaryň özara hereketini utgaşdyrýar, olaryň telekommunikasiýa we poçta aragatnaşygynyň esasy hyzmatlaryny etmeginiň şertlerini kesgitleýär;

20) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde poçta belgileriniň, belgilenen bukjalaryň we gutlaglyklaryň cap edilip çykarylmagyny hem-de ýaýradylmagyny guraýar;

21) aragatnaşyk hyzmatlaryny peýdalanyjylaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goraýar, aragatnaşyk operatorlary bilen aragatnaşyk hyzmatlaryny peýdalanyjylaryň özara gatnaşyklarynyň meselelerine garaýar;

22) dessin-agtaryş işini amala aşyrýan edaralara degişli çäreleri geçirmekde ýardam edýär;

23) belgileýiş ulgamyny işläp düzýär we telekommunikasiýa aragatnaşyk ulgamlarynyň belgilenmeginiň meýilnamasynyň dolandyrylmagyny amala aşyrýar;

24) aragatnaşyk babatda ylmy taýdan işläp taýýarlamalaryň ornaşdyrylmagyny, işgärleriň taýýarlanylmagyny we gaýtadan taýýarlanylmagyny guraýar;

25) aragatnaşyk babatda halkara hyzmatdaşlygyny amala aşyrýar;

25[1]) milli elektron kommunikasiýa ulgamlaryny işläp taýýarlaýjylaryň Döwlet sanawyny hem-de milli elektron kommunikasiýa ulgamlarynyň Döwlet sanawyny ýöredýär;

26) aragatnaşyk babatda başga ygtyýarlyklary amala aşyrýar.

2. «Türkmenaragatnaşyk» agentliginiň öz ygtyýarlygynyň çäklerinde kabul eden kadalaşdyryjy hukuk namalary Türkmenistanyň çäginde ähli ýuridik we fiziki şahslar tarapyndan hökmany ýerine ýetirilmäge degişlidir.

**9-njy madda. Radioýygylyk spektriniň, aragatnaşyk hemralarynyň geostasionar we orbital pozisiýalarynyň peýdalanylmagynyň düzgünleşdirilmegi**

1. Türkmenistanyň bähbitlerine we onuň baglaşan halkara şertnamalaryna laýyklykda radioýygylyk spektriniň, aragatnaşyk hemralarynyň geostasionar we orbital pozisiýalarynyň peýdalanylmagyny düzgünleşdirmek döwletiň aýratyn hukugy bolup durýar. Radioýygylyk spektriniň resursynyň milli derejede peýdalanylyşynyň döwlet tarapyndan dolandyrylmagy, radioýygylyk spektriniň, aragatnaşyk hemralarynyň geostasionar we orbital pozisiýalarynyň halkara hyzmatdaşlygy çygrynda peýdalanylmagy babatynda utgaşdyrmak Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Radioýygylyklar baradaky pudagara topar tarapyndan amala aşyrylýar. Radioýygylyklary paýlamagyň milli tablisasy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýar.

2. Radioýygylyklaryň bölünip berilmeginiň tertibiniň, radioelektron we ýokary ýygylykly enjamlaryň işlenip taýýarlanylmagynyň, taslamalaşdyrylmagynyň, gurulmagynyň, edinilmeginiň, ulanylmagynyň, daşary ýurtdan getirilmeginiň, söwdasynyň ýa-da başga usul bilen Türkmenistanyň çägine ýaýradylmagynyň aýratyn şertleri Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýär.

**10-njy madda. Radioýygylyk spektriniň peýdalanylmagynyň goralmagy**

1. Elektromagnit şöhle saçmasynyň çeşmeleri bolup durýan, şol sanda teleradio ýaýradyşyň maksatlary üçin peýdalanylýan telekommunikasiýa aragatnaşygynyň tehniki serişdeleri Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilen tertipde hasaba alynmaga degişlidir.

2. Radioýygylyk spektriniň peýdalanylmagy we onuň goralmagynyň üpjün edilmegi Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar.

## 11-nji madda. Belgileýiş resursynyň düzgünleşdirilmegi

1. Belgileýiş resursynyň düzgünleşdirilmegi döwletiň aýratyn hukugy bolup durýar.

2. «Türkmenaragatnaşyk» agentligi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti bilen ylalaşyp, Türkmenistanyň ýeke-täk telekommunikasiýa aragatnaşyk ulgamynyň belgileýiş resurslaryny, şol sanda Türkmenistanyň halkara aragatnaşyk ulgamlarynyň segmentlerini paýlamagyň we peýdalanmagyň tertibini Türkmenistanyň belgileýiş ulgamyna we meýilnamasyna laýyklykda, Türkmenistanyň gatnaşyjysy bolup durýan halkara guramalarynyň maslahatlaryny hasaba almak bilen kesgitleýär.

3. «Türkmenaragatnaşyk» agentliginiň şu Kanunda bellenen halatlarda aragatnaşyk operatoryna bölünip berlen belgileýiş resursyny üýtgetmäge, doly ýa-da bölekleýin almaga hukugy bardyr.

4. Aragatnaşyk operatorlaryna öň bölünip berlen belgileýiş resursynyň olardan alynmagy şu aşakdaky esaslar boýunça amala aşyrylýar:

1) degişli belgileýiş resursy bölünip berlen aragatnaşyk operatorynyň ýüztutmasy;

2) aragatnaşyk operatoryna berlen ygtyýarnamanyň hereketiniň bes edilmegi;

3) aragatnaşyk operatorynyň belgileýiş resursyny belgileýşiň ulgamyny we meýilnamasyny bozmak bilen peýdalanmagy;

4) aragatnaşyk operatorynyň belgileýiş resursyny bölünip berlen gününden başlap iki ýylyň dowamynda doly ýa-da bölekleýin peýdalanmazlygy;

5) belgileýiş resursynyň bölünip berlendigi üçin ýygymyň berlen gününden başlap togsan günüň dowamynda tölenmezligi;

6) aragatnaşyk operatory tarapyndan şu Kanunda we Türkmenistanyň aragatnaşyk babatda beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bellenen talaplaryň ýerine ýetirilmezligi.

5. Aragatnaşyk operatoryna «Türkmenaragatnaşyk» agentligi tarapyndan onuň belgileýiş resursynyň alynýandygy hakynda çözgüt kabul edilendigi barada kararyň kabul edilmeginiň sebäpleri esaslandyrylyp, onuň alynmaly möhletine çenli otuz senenama güni galanda ýazmaça görnüşde habar berilýär.

6. Aragatnaşyk operatorynyň özüne bölünip berlen belgileýiş resursyny ýa-da onuň bir bölegini diňe «Türkmenaragatnaşyk» agentliginiň razylygy bilen beýleki aragatnaşyk operatoryna bermäge hukugy bardyr.

## III BAP. ARAGATNAŞYK BABATDAKY IŞIŇ ESASLARY

### 12-nji madda. Aragatnaşyk ulgamlary

1. Aragatnaşyk ulgamlaryny Türkmenistanyň çäginde telekommunikasiýa we poçta aragatnaşygyny amala aşyrýan we üpjün edýän döwlet edaralary, ýuridik we fiziki şahslar döredýärler.

2. Türkmenistanyň ýeke-täk telekommunikasiýa aragatnaşyk ulgamy we Türkmenistanyň poçta aragatnaşyk ulgamy aragatnaşyk ulgamlarynyň maddy-tehniki esasyny düzýärler.

### 13-nji madda. Türkmenistanyň ýeke-täk telekommunikasiýa aragatnaşyk ulgamy

1. Türkmenistanyň ýeke-täk telekommunikasiýa aragatnaşyk ulgamy Türkmenistanyň çäginde ýerleşen şu aşakdaky derejelerdäki telekommunikasiýa aragatnaşyk ulgamlaryndan durýar:

1) aragatnaşygyň umumy peýdalanylýan ulgamy;

2) aragatnaşygyň umumy peýdalanylýan ulgamyna birikdirilen aragatnaşygyň pudaklaýyn edara ulgamlary;

3) aragatnaşygyň umumy peýdalanylýan ulgamyna birikdirilen tehnologik aragatnaşyk ulgamlary;

4) aragatnaşygyň bölünip berlen ulgamlary;

5) aragatnaşygyň elektromagnit ulgamlarynyň kömegi bilen maglumat bermek üçin niýetlenen ýörite wezipeli ulgamlary we başga aragatnaşyk ulgamlary.

2. Türkmenistanyň çägindäki ýuridik we fiziki şahslara telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlaryny etmegiň, onuň ediliş we töleniş tertibiniň ýeke-täk ýörelgeleriniň esasynda telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlaryny etmek üçin niýetlenen telekommunikasiýalar ulgamy aragatnaşygyň umumy peýdalanylýan ulgamyna degişlidir. Aragatnaşygyň umumy peýdalanylýan ulgamy boýunça telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlaryny etmegiň kadalary «Türkmenaragatnaşyk» agentligi tarapyndan bellenilýär.

3. Ýuridik we fiziki şahslaryň önümçilik we ýörite hajatlaryny üpjün etmek üçin niýetlenen, olaryň ygtyýarynda durýan we olar tarapyndan ulanylýan telekommunikasiýa ulgamlary aragatnaşygyň pudaklaýyn edara ulgamlaryna degişlidir.

Aragatnaşygyň pudaklaýyn edara ulgamlary degişli ygtyýarnamanyň esasynda beýleki peýdalanyjylara telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlaryny etmek üçin hem ulanylyp bilner.

4. Kärhanalaryň önümçilik işini üpjün etmek, önümçilikdäki tehnologik prosesleri dolandyrmak üçin niýetlenen telekommunikasiýa ulgamlary aragatnaşygyň tehnologik ulgamlaryna degişlidir. Aragatnaşygyň tehnologik ulgamlaryny döretmek üçin ulanylýan tehnologiýalar we aragatnaşyk serişdeleri, şeýle hem olaryň gurluş ýörelgeleri bu ulgamlaryň hususyýetçileri ýa-da başga eýeleri tarapyndan bellenilýär. Aragatnaşygyň tehnologik ulgamynyň boş duran resurslary bolan

mahalynda bu ulgamyň bir bölegi degişli ygtyýarnamanyň esasynda islendik peýdalanyja aragatnaşyk hyzmatlaryny muzdly etmek üçin aragatnaşygyň umumy peýdalanylýan ulgamynyň derejesine geçirmek bilen aragatnaşygyň umumy peýdalanylýan ulgamyna birikdirilip bilner.

5. Ýuridik we fiziki şahslaryň peýdalanyjylaryň belli bir toparyna hyzmat etmek üçin täjirçilik maksatlarynda taslamalaşdyrylýan, döredilýän ýa-da peýdalanylýan telekommunikasiýa aragatnaşyk ulgamlary aragatnaşygyň bölünip berlen ulgamlaryna degişlidir. Bölünip berlen ulgamlar «Türkmenaragatnaşyk» agentligi bilen ylalaşylyp taslamalaşdyrylýar, döredilýär we peýdalanylýar hem-de olar boýunça hyzmatlary etmek diňe «Türkmenaragatnaşyk» agentliginiň ygtyýarnamasy bolan mahalynda amala aşyrylýar.

6. Aragatnaşygyň ýörite niýetlenen ulgamlaryna, şol sanda sanly akymlara dessin-agtaryş çärelerini geçirmek üçin guralan we döwlet dolandyryşynyň, ýurduň goranmagynyň, milli howpsuzlygyň we hukuk tertibiniň üpjün edilmeginiň zerurlyklary üçin niýetlenen ulgamlar degişlidir. Bu ulgamlar, eger Türkmenistanyň kanunçylygynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, aragatnaşyk hyzmatlaryny muzdly etmek üçin peýdalanylyp bilinmez. Döwlet dolandyrylyşynyň, ýurduň goranmagynyň, milli howpsuzlygyň we hukuk tertibiniň zerurlyklary üçin aragatnaşygyň üpjün edilmegini maliýeleşdirmäge çykdajylar Türkmenistanyň Döwlet býujetinde göz öňünde tutulýar. Türkmenistanyň ýeke-täk telekommunikasiýa aragatnaşyk ulgamynyň resurslarynyň aragatnaşygyň ýörite niýetlenen ulgamlarynyň işini üpjün etmek üçin taýýarlanylmagy we peýdalanylmagy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilen tertipde amala aşyrylýar.

7. Türkmenistanyň ýeke-täk telekommunikasiýa aragatnaşyk ulgamynyň aragatnaşyk ulgamlarynyň ähli derejelerdäki aragatnaşyk operatorlary özleriniň aragatnaşyk ulgamlary bilen aragatnaşyk ulgamlarynyň ähli derejeleriniň gatnaşygynyň bellenilen tertibine we Elektrik Aragatnaşygynyň Halkara Birleşmesiniň degişli dessurlaryna laýyk gelýän dolandyryş ulgamlaryny döretmäge borçludyrlar.

**14-nji madda. Poçta aragatnaşyk ulgamy**

Poçta aragatnaşyk ulgamy poçta ugratmalarynyň, pul serişdeleriniň, şol sanda maksatlaýyn niýetlenen beýleki tölegleriň kabul edilmegini, saklanylmagyny, işlenilmegini, daşalmagyny (berilmegini), eltilmegini (gowşurylmagyny), döwürleýin metbugatyň şertnamalaýyn esasda eltilmegini we ýaýradylmagyny hem-de beýleki goşmaça hyzmatlaryň edilmegini üpjün edýän poçta aragatnaşyk obýektleriniň we poçta aragatnaşyk operatorlarynyň poçta ugurlarynyň jemidir.

## 15-nji madda. Ulgamara birikdirmeler

1. Ulgamara birikdirmeler dürli telekommunikasiýa ulgamlaryny peýdalanyjylaryň arasynda habarlaryň berilmegi we kabul edilmegi üçin amala aşyrylýar.

2. Aragatnaşyk operatorlary tehniki mümkinçilikler bar bolan şertinde şertnamalaýyn ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan başga esasda beýleki operatorlaryň öz ulgamlaryna aralaşyp bilmegini üpjün etmäge borçludyrlar.

3. Aragatnaşyk operatorlary tehniki mümkinçilikler bar bolan şertinde «Türkmenaragatnaşyk» agentligi tarapyndan tassyklanan kadalara we düzgünlere laýyklykda kabul edilýän telekommunikasiýalaryň birikdirilýän ulgamynyň operatorynyň tehniki şerti boýunça ulgamara birikdirilmegini üpjün etmelidirler. Ulgamara birikdirmek üçin tehniki mümkinçilikler we resurslar bolmadyk mahalynda şeýle şertleri üpjün etmek birikdirilýän operatoryň hasabyna amala aşyrylýar. Ulgamara birikdirmeler degişli telekommunikasiýa aragatnaşyk ulgamlarynyň aragatnaşyk operatorlarynyň arasynda şertnamalar esasynda amala aşyrylýar. Telekommunikasiýa aragatnaşyk ulgamlarynyň birikdirilmeginiň, operatorlar tarapyndan özara hyzmatlaryň edilmeginiň we olaryň arasyndaky özara hasaplaşyklaryň tertibi we şertleri «Türkmenaragatnaşyk» agentligi tarapyndan tassyklanylýar.

## 16-njy madda. Aragatnaşyk serişdelerine we ulgamlaryna eýeçilik

1. Türkmenistanda telekommunikasiýa we poçta aragatnaşygynyň tehniki serişdeleri hem-de ulgamlary döwletiň eýeçiliginde durýarlar, şeýle hem olar ýuridik we fiziki şahslaryň eýeçiliginde durup bilerler.

2. Türkmenistanyň goranmak, milli howpsuzlyk, Türkmenistanyň Döwlet serhedini we hukuk tertibini goramak maksatlarynda ulanylýan hökümet, poçta we feldýegerlik aragatnaşygy, tehniki serişdeler we telekommunikasiýa aragatnaşygynyň tehniki serişdeleriniň hem-de ulgamlary, şeýle hem milli telewideniýäniň we radio ýaýradyşyň tehniki serişdeleri, olaryň işini we ösüşini üpjün edýän kärhanalar diňe döwletiň eýeçiligine degişlidir.

3. Telekommunikasiýa we poçta aragatnaşygynyň tehniki serişdeleriniň hem-de ulgamlarynyň, şeýle hem olaryň işini we ösüşini üpjün edýän kärhanalaryň eýeçiliginiň görnüşini üýtgetmek Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde amala aşyrylýar.

**17-nji madda. Aragatnaşyk ulgamlaryny we serişdelerini ösdürmek we olaryň durkuny täzelemek**

1. Aragatnaşyk ulgamlarynyň we serişdeleriniň ösdürilmegi we durkunyň täzelenmegi eýeleri tarapyndan olaryň öz serişdeleriniň, gyzyklanýan ýuridik we fiziki şahslaryň serişdeleriniň hem-de Türkmenistanyň kanunçylygynda gadagan edilmedik beýleki çeşmeleriň hasabyna amala aşyrylýar.

2. Umumydöwlet wezipelerini çözmek üçin niýetlenen aragatnaşyk ulgamlarynyň we serişdeleriniň ösdürilmegi we olaryň durkunyň täzelenmegi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýan we Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde maliýeleşdirilýän milli ösüş maksatnamalarynyň esasynda amala aşyrylýar. Aragatnaşyk ulgamlaryny we serişdelerini ösdürmegiň we durkuny täzelemegiň taslamalarynyň amala aşyrylmagyna gatnaşýan ýuridik we fiziki şahslara Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde ýeňillikler berlip bilner.

3. Şäherler, şäherçeler we beýleki ilatly nokatlar, ýaşaýyş sebitleri we toplumlary taslamalaşdyrylanda hem-de ösdürilende ýerine ýetiriji

häkimiýetiň ýerli we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary taslama-smeta resminamalaryny işläp düzmegiň normatiwlerine laýyklykda iş buýrujynyň serişdeleriniň hasabyna aragatnaşygyň tehniki serişdelerini ýerleşdirmek üçin jaýlaryň gurulmagyny göz öňünde tutmalydyrlar ýa-da olar üçin ýörite jaýlary bölüp bermelidirler.

4. Ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary, kärhanalar, edaralar we guramalar ýaşaýyş jaý-raýat maksatly täze jaýlar taslamalaşdyrylanda ýa-da bar bolan jaýlaryň durky täzelenen mahalynda «Türkmenaragatnaşyk» agentliginiň kärhanalary bilen ylalaşyp, aragatnaşyk serişdeleriniň ýerleşdirilmegi üçin ýörite jaýlaryň gurluşygyny göz öňünde tutmaga ýa-da aýratyn otaglary bölüp bermäge borçludyrlar.

5. Ýuridik we fiziki şahslar bu maksatlar üçin berlen ýer böleklerinde bellenilen tertipde telekommunikasiýa jaýlarynyň we desgalarynyň gurluşygyny amala aşyrmaga, şeýle hem ýer bölekleriniň, jaýlaryň we desgalaryň hususyýetçileri (eýeleri, kärendeçiler) bilen ylalaşyp, geçirilýän işleriň möhletlerine laýyklykda, aragatnaşyk serişdelerini oturtmaga we olara hyzmat etmäge haklydyrlar.

6. Ilatly nokatlaryň we aýry-aýry jaýlaryň, ýollaryň, köprüleriň we beýleki obýektleriň täze gurulmagy, giňeldilmegi, durkunyň täzelenmegi, täze ýerleriň özleşdirilmegi, meliorasiýa ulgamlarynyň gaýtadan gurulmagy, gazylyp alynýan peýdaly zatlaryň işlenip taýýarlanylmagy bilen baglanyşykly telekommunikasiýa aragatnaşyk serişdelerini başga ýere geçirmek ýa-da özgerdip gurmak buýrujy tarapyndan aragatnaşyk operatorlarynyň «Türkmenaragatnaşyk» agentligi bilen ylalaşylan tehniki şertlerine laýyklykda öz serişdeleriniň hasabyna geçirilýär. Kwartallaryň içindäki ulgamlar we telekommunikasiýa desgalary gurluşygyň buýrujylary tarapyndan taslamalaşdyrylýar we bina edilýär.

**18-nji madda. Aragatnaşyk ulgamlarynyň we desgalarynyň goralmagy**

1. Aragatnaşyk ulgamlary we desgalary döwletiň goragy astynda durýar.

2. Aragatnaşyk operatorlary we gurujylar jaýlar, aragatnaşyk desgalary we ulgamlary gurlanda we olaryň durky täzelenende aragatnaşyk serişdeleriniň we desgalarynyň ýanyna rugsatsyz barylmagyndan goralyş çärelerini göz öňünde tutmalydyrlar.

3. Aragatnaşyk operatorlary hukuk goraýjy edaralar bilen bilelikde aragatnaşyk serişdeleriniň we desgalarynyň ýanyna rugsatsyz barylmagyndan goralmagyny üpjün etmäge borçludyrlar.

4. Aragatnaşyk operatorlary aragatnaşyk ulgamlaryny, telekommunikasiýa serişdelerini, ýanyna barylmagy çäklendirilen aragatnaşyk ulgamlarynyň guralyşy hakyndaky maglumatlary we bu ulgamlar bilen berilýän habarlary goramagyň tehniki we guramaçylyk usullaryny şu Kanuna laýyklykda ornaşdyrmaga borçludyrlar.

5. Telekommunikasiýa aragatnaşyk serişdelerine zeper ýetirmekde, olara rugsat berilmedik birikdirilmekde günäkär bolan ýuridik we fiziki şahslar Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde jogapkärçilik çekýärler.

**19-njy madda. Aragatnaşygy ösdürmek boýunça işler geçirilen mahalynda ýerleri peýdalanmak**

1. Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde aragatnaşyk operatorlaryna berilýän ýer bölekleri aragatnaşyk ýerlerine degişlidir.

2. Aragatnaşyk operatorlaryna berilýän ýer bölekleriniň möçberleri işiň bu görnüşi üçin taslama-tehniki resminamalaryna we ýerleri bermegiň ölçeglerine laýyklykda kesgitlenilýär.

3. Aragatnaşyk operatorlarynyň bu maksatlar üçin berilýän ýer böleklerinde telekommunikasiýa aragatnaşyk ulgamlaryny çekmäge, jaýlary we desgalary gurmaga, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary, hususyýetçiler ýa-da görkezilen ýer böleklerini peýdalanyjylar bilen geçirilýän işleriň möhletleri we şertleri ylalaşylandan soň aragatnaşyk enjamyny oturtmaga we hyzmat etmäge hukugy bardyr.

4. Hususyýetçiler, ýerden peýdalanyjylar aragatnaşyk operatorlaryna diňe Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynda göz öňünde tutulan esaslar boýunça görkezilen işleriň geçirilmeginden boýun gaçyrmaga haklydyrlar. Jedel ýüze çykan mahalynda mesele kazyýet tertibinde çözülip bilner.

5. Ýer böleginde, jaýda ýa-da desgada işler tamamlananda aragatnaşyk operatory ýa-da buýrujy ýer bölegini, jaýy ýa-da desgany öz hasabyna ilkibaşky ýagdaýa getirmäge ýa-da hususyýetçä, ýerden peýdalanyja ýa-da kärendeçä ýetirilen zyýanlary tölemäge borçludyrlar.

6. Aragatnaşyk operatorynyň ýer bölegine bolan hukuklarynyň bes edilmegi Türkmenistanyň ýer kanunçylygynda bellenilen esaslar boýunça we tertipde amala aşyrylýar.

**20-nji madda. Telekommunikasiýa aragatnaşyk ulgamlarynyň we obýektleriniň gorag zolagy**

Telekommunikasiýa aragatnaşyk obýektleriniň perimetri boýunça ýa-da telekommunikasiýa aragatnaşyk ulgamlarynyň boýunda ýerleşen, ösümlikleri we jaýlary bolan bellenilen ölçeglerdäki ýer bölegi telekommunikasiýa aragatnaşyk ulgamlarynyň we obýektleriniň gorag zolagyny emele getirýär. Gorag zolaklarynyň ölçegleri, olary bellemegiň usullary, olarda işleri geçirmegiň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanan Aragatnaşyk liniýalaryny goramagyň kadalary bilen bellenilýär. Gorag zolagynda telekommunikasiýa aragatnaşyk ulgamlarynyň we obýektleriniň eýeleriniň razylygy bolmazdan ýeriň ulanylyş maksadyny üýtgetmek, jaýlary ýa-da gaýry gurulmalary gurmak, enjamlary ýa-da materiallary saklamak, ýer, burawlaýyş, partlaýyş we beýleki işleri geçirmek gadagandyr.

**21-nji madda. Telekommunikasiýa aragatnaşyk ulgamlaryndaky hadysalaryň netijelerini ýok etmek**

1. Telekommunikasiýa aragatnaşyk ulgamlaryndaky hadysalaryň netijelerini ýok etmek boýunça işler zeper ýeten telekommunikasiýa tehniki serişdeleriniň dikeldilmegini we durkunyň täzelenmegini, şeýle hem zerurlyk bolan mahalynda hadysalaryň bolan ýerlerinde degişli tebigaty goraýyş çäreleriniň geçirilmegini öz içine alýar.

2. Ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary aragatnaşyk operatorlaryna telekommunikasiýa aragatnaşyk ulgamlaryndaky hadysalaryň netijelerini ýok etmek boýunça işleri geçirmäge ýardam etmäge, zerur bolan mahalynda aragatnaşyk operatorlary tarapyndan olara çykdajylarynyň öweziniň soňra dolunmagy bilen, işçi güýjüni, ulag we beýleki serişdeleri bermäge borçludyrlar. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgüdi boýunça aýry-aýry ýagdaýlarda ýitgileriň öweziniň dolunmagy maliýeleşdirmegiň başga çeşmeleriniň hasabyna amala aşyrylyp bilner.

3. Telekommunikasiýa aragatnaşyk ulgamlaryndaky hadysalaryň netijelerini ýok etmek boýunça işleriň geçirilmegi telekommunikasiýa aragatnaşygynyň tehniki serişdeleri ýerleşen ýer böleginiň, jaýyň ýa-da desganyň hususyýetçisiniň, ýerden peýdalanyjynyň ýa-da kärendeçiniň razylygyny talap etmeýär.

4. Telekommunikasiýa aragatnaşyk ulgamlaryndaky hadysalaryň netijeleri ýok edilen mahalynda hususyýetçä, ýerden peýdalanyja ýa-da kärendeçä ýetirilen ýitgileriň öwezi aragatnaşyk operatorynyň serişdeleriniň hasabyna dolunmaga degişlidir. Ýitgileriň öwezini dolan aragatnaşyk operatorynyň zyýan ýetiren şahsa şol ýitgileriň öwezini dolmak barada hak islegini bildirmäge hukugy bardyr.

## 22-nji madda. Ulag serişdeleriniň peýdalanylmagy

1. Feldýegerlik we ýörite aragatnaşyk gulluklarynyň ulag kärhanasy bilen şertnamalaýyn şertlerde demir ýol, deňiz, içerki suw, howa we awtomobil ulagynyň ähli ugurlary we liniýalary boýunça poçta aragatnaşyk işgärleriniň, feldýegerlik we ýörite aragatnaşyk gulluklarynyň işgärleriniň ýanlarynda ugratmaklarynda poçta we ýörite ugratmalaryny daşamaga hukugy bardyr.

2. Halkara we şäherara gidiş ugurlary boýunça yzygiderli daşamagy amala aşyrýan ulag kärhanalarynyň poçta we ýörite ugratmalary daşamak üçin şertnamalary baglaşmakdan boýun gaçyrmaga haky ýokdur, Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlar muňa degişli däldir.

3. Feldýegerlik we ýörite aragatnaşyk gulluklarynyň işgärleriniň öz gulluk borçlaryny ýerine ýetiren mahalynda şulara hukuklary bardyr:

1) ilkinji nobatda petek satyn almaga;

2) feldýegerlik we ýörite aragatnaşyk gulluklarynyň awtomobil ulag serişdelerinde demir ýol, deňiz, içerki suw, howa we awtomobil ulaglarynyň duralga ýerlerine barmaga;

3) Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan başga hukuklary.

Ulag kärhanalary feldýegerlik we ýörite aragatnaşyk gulluklarynyň işgärleri öz gulluk borçlaryny ýerine ýetirýän mahalynda olara öz hukuklaryny amala aşyrmaga şertleri döretmäge borçludyrlar.

4. Feldýegerlik, ýörite aragatnaşyk gulluklarynyň we radioýygylyk spektrine gözegçilik barlagy boýunça döwlet gullugynyň awtomobil ulag serişdeleri olarda haýsydyr bir tapawutlandyryjy ýazgylar ýazylmazdan "ýörite" derejelerine degişlidirler we olar bu gulluklaryň razylygy bolmazdan döwlet edaralarynyň bähbitleri üçin peýdalanylyp bilinmez, harby ýa-da adatdan daşary ýagdaýyň girizilmegi ýa-da tebigy we tehnogen häsiýetli adatdan daşary ýagdaýlaryň gelip ýetýän halatlary muňa degişli däldir.

5. Aragatnaşyk operatorlaryna degişli ulag serişdeleri Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda tapawutlandyryjy ýazgylary, ýörite nyşany edinip we "ýörite" derejesine degişli bolup bilerler.

6. Aragatnaşyk babatdaky işe degişli hyzmatlar edilende we işler ýerine ýetirilende aragatnaşyk operatorlarynyň, şol operatorlaryň özlerine degişli we tapawutlandyryjy ýazgylary we ýörite nyşany bolan ulag serişdelerinde aragatnaşyk obýektleriniň we serişdeleriniň haýsy edara degişlidigine garamazdan aragatnaşyk obýektleriniň we serişdeleriniň ýerleşýän ýerlerine, şeýle hem demir ýol, deňiz, içerki suw, howa we

awtomobil ulaglarynyň duralga ýerlerine päsgelçiliksiz barmaga, ol ýerde saklanmaga we durmaga hukugy bardyr.

7. Aragatnaşyk operatorlaryna degişli, tapawutlandyryjy ýazgylary we ýörite nyşany bolan ulag serişdeleri olaryň razylygy bolmazdan, aragatnaşyk babatdaky işe degişli bolmadyk hyzmatlary we işleri ýerine ýetirmek üçin peýdalanylyp bilinmez.

8. Aragatnaşygyň zeper ýetirilen ulgamlarynda we serişdelerinde awariýa ýagdaýlary ýüze çykan mahalynda aragatnaşyk operatorlarynyň ulag kärhanalaryndan ulag serişdelerini ilkinji nobatda kärendesine almaga hukugy bardyr.

**23-nji madda. Aragatnaşygyň syry**

1. Türkmenistanyň çäginde telekommunikasiýa aragatnaşyk ulgamlary we poçta aragatnaşyk ulgamlary boýunça berilýän hat alyşmagyň, telefon gepleşikleriniň, poçta ugratmalarynyň, telegraf we beýleki habarlaryň syry kepillendirilýär. Aragatnaşyk operatorlary aragatnaşyk syrynyň berjaý edilmegini üpjün etmäge borçludyrlar.

2. Hat alyşmagyň, telefon gepleşikleriniň, poçta ugratmalarynyň, telegraf we telekommunikasiýa aragatnaşyk ulgamlary we poçta aragatnaşyk ulgamlary boýunça berilýän beýleki habarlaryň syryna bolan hukugyň çäklendirilmegine diňe Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda ýol berilýär.

3. Aragatnaşyk operatorynyň ygtyýarly işgärleri bolup durmaýan adamlar tarapyndan poçta ugratmalarynyň gözden geçirilmegi, poçta ugratmalarynyň açylmagy, goýumlaryň gözden geçirilmegi, telekommunikasiýa we poçta aragatnaşyk ulgamlary boýunça berilýän maglumat hem-de resminamaly hatlar bilen tanyşmak dessin-agtaryş işini amala aşyrýan edaranyň ýolbaşçylarynyň biriniň esaslandyrylan karary boýunça we diňe prokuroryň sanksiýasy ýa-da kazyýetiň çözgüdi esasynda amala aşyrylýar.

4. Telekommunikasiýa we poçta aragatnaşyk ulgamlary boýunça iberilýän habarlar, poçta ugratmalary we pul serişdeleriniň poçta geçirimleri hakynda maglumatlar, şeýle hem bu habarlaryň özi, poçta

ugratmalary we geçirilýän pul serişdeleri, eger Türkmenistanyň kanunçylygynda başgasy göz öňünde tutulmadyk bolsa, diňe iberijilere we alyjylara ýa-da olaryň ygtyýarly wekillerine berlip bilner.

### 24-nji madda. Aragatnaşyk babatda hasaba alyş-hasabat wagty

Türkmenistanyň çäginde aragatnaşyk babatda habarlar we maglumatlar berlende ýa-da kabul edilende ýeke-täk hasaba alyş-hasabat wagty – ýerli wagt ulanylýar.

## IV BAP. ARAGATNAŞYK HYZMATLARYNYŇ NYRHLARY WE HASAPLAŞYKLAR

### 25-nji madda. Nyrhlaryň emele geliş ýörelgeleri

1. Türkmenistanyň telekommunikasiýa we poçta aragatnaşygy bazarynda nyrhlar:

1) nyrhlaryň hyzmatlaryň özüne düşýän gymmatyndan ugur alnyp, peýda görmegi hasaba almak bilen hasaplanmagy;

2) peýdalanyjynyň peýdalanan telekommunikasiýa hyzmatlarynyň hakyky wagty üçin, wagt boýunça tölenilmegi,

ýörelgelerinde emele gelýärler.

2. Aragatnaşyk hyzmatlary üçin nyrhlar Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bellenilýär.

3. Ýuridik we fiziki şahslar tarapyndan gyssagly dessin gulluklary (ýangyndan goraýyş, polisiýa, tiz lukmançylyk kömegi, gaz heläkçiligi gullugy we başgalar) çagyrmak mugt geçirilýär.

### 26-njy madda. Aragatnaşyk hyzmatlary üçin hasaplaşygyň tertibi

Aragatnaşyk hyzmatlary üçin hasaplaşyk aragatnaşyk operatory bilen aragatnaşyk hyzmatlaryny peýdalanyjynyň arasynda aragatnaşyk hyzmatlaryny etmek hakyndaky şertnamanyň tertibinde we şertlerinde amala aşyrylýar.

## 27-nji madda. Belgileýiş resursynyň alynmagy üçin ýygym

1. Aragatnaşyk operatoryndan belgileýiş resursynyň alnandygy üçin Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenýän möçberde we tertipde ýygym alynýar.

2. Belgileýiş üýtgän mahalynda belgileýiş resursynyň alnandygy üçin gaýtadan ýygym alynmaýar.

3. Aragatnaşyk operatoryna bölünip berlen belgileýiş resursy doly ýa-da bölekleýin alnan mahalynda onuň tölän ýygymy yzyna gaýtarylmaýar we aragatnaşyk operatoryna öwez puly tölenilmeýär.

## 28-nji madda. Aragatnaşyk hyzmatlary peýdalanylan mahalyndaky ýeňillikler we artykmaçlyklar

1. Döwlet häkimiýet edaralarynyň, daşary ýurt döwletleriniň diplomatik we konsullyk wekilhanalarynyň, halkara guramalarynyň wekilhanalarynyň aýry-aýry derejeli wezipeli adamlary, şeýle hem raýatlaryň aýry-aýry toparlary üçin aragatnaşyk hyzmatlaryny etmek, peýdalanmak we tölemek boýunça ýeňillikler bellenilip bilner.

2. Wezipeli adamlaryň we raýatlaryň aýry-aýry toparlarynyň, şeýle hem bu adamlara berilýän ýeňillikleriň sanawy Türkmenistanyň kanunçylygy, şeýle hem Türkmenistanyň halkara şertnamalary bilen kesgitlenilýär.

3. Aragatnaşyk hyzmatlarynyň tölegi boýunça ýeňillikler berlen mahalynda aragatnaşyk kärhanasynyň doly alyp bilmedik girdejileriniň

öwezini dolmagyň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýär.

4. Çagyryş boýunça harby gullugy geçýän harby gullukçylardan poçta bölümlerine we olaryň salgysyna gelip gowuşýan hatlaryň iberilmegi Türkmenistanyň çäginde Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda harby gulluk göz öňünde tutulan ministrlikleriň we pudaklaýyn edaralaryň serişdeleriniň hasabyna amala aşyrylýar.

## V BAP. ARAGATNAŞYK BABATDA IŞI YGTYÝARLYLANDYRMAGYŇ WE ARAGATNAŞYK SERIŞDELERINI GÜWÄLENDIRMEGIŇ TERTIBI

### 29-njy madda. Aragatnaşyk babatdaky işiň ygtyýarlylandyrylmagy

1. Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda aragatnaşyk babatdaky işiň ygtyýarlylandyrylmagy «Türkmenaragatnaşyk» agentligi tarapyndan amala aşyrylýar.

2. Aragatnaşyk babatdaky işiň aýry-aýry görnüşlerine ygtyýarnama almaga dalaş etmek diňe dessin-agtaryş işini amala aşyrýan degişli edaranyň dalaşgär tarapyndan getirilýän, alynýan we peýdalanylýan enjamlaryň Türkmenistanda hereket edýän teswirnamalara, aragatnaşyk kadalaryna we standartlaryna laýyk gelýändigi hakynda netijenamasy bolan mahalynda garalýar.

### 30-njy madda. Aragatnaşyk serişdeleriniň güwälendirilmegi

Türkmenistanyň telekommunikasiýa aragatnaşyk ulgamlarynda peýdalanylýan aragatnaşyga degişli ähli tehniki serişdeleri, şol sanda ahyrky enjamlar Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döwlet standartlaryna, tehniki şertlere we gaýry kadalara laýyk gelýändigi üçin güwälendirilmäge degişlidir.

## VI BAP. POÇTA ARAGATNAŞYK HYZMATLARY

### 31-nji madda. Poçta aragatnaşyk operatorlarynyň poçta aragatnaşyk hyzmatlaryny etmek boýunça işi

1. Poçta aragatnaşyk operatorlarynyň Türkmenistanda poçta aragatnaşyk hyzmatlaryny etmek boýunça işi şu Kanuna, Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna, «Türkmenaragatnaşyk» agentligi tarapyndan tassyklanýan poçta kadalaryna laýyklykda amala aşyrylýar.

2. Türkmenistanyň poçta aragatnaşyk döwlet kärhanalaryna poçta töleginiň döwlet belgilerini çap etmäge, Türkmenistanyň çägindäki poçta aragatnaşyk obýektlerine poçta indekslerini bermäge, poçta ugratmalaryny kabul etmek, işlemek, saklamak, daşamak we eltmek (gowşurmak) boýunça hyzmatlary etmäge bolan aýratyn hukuk degişlidir.

3. Poçta aragatnaşyk döwlet kärhanalarynyň döwürleýin metbugaty ibermek, eltmek we ýaýratmak, belli bir maksada niýetlenen tölegleri eltmek, pul serişdeleriniň geçirilmegi boýunça amallary ýerine ýetirmek boýunça hyzmatlary, şeýle hem Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen rugsat berlen beýleki goşmaça hyzmatlar şertnamalaýyn esasda amala aşyrylýar.

4. Poçta ugratmalaryny kabul etmek, işlemek, saklamak, daşamak we eltmek (gowşurmak) boýunça çapar hyzmatlary ýuridik şahslar tarapyndan ygtyýarnamalar esasynda amala aşyrylyp bilner.

### 32-nji madda. Poçta ugratmalaryny daşamak

1. Poçta aragatnaşyk döwlet kärhanalarynyň poçta ugratmalaryny demir ýol, deňiz, derýa, howa we awtomobil ulagynyň ähli ugurlary we liniýalary boýunça poçta aragatnaşyk işgärleriniň ugratmagynda

daşamaga ýa-da olary ulag kärhanalarynyň jogapkärçiligine bermäge hukugy bardyr.

2. Ulag kärhanasynyň öz ulag serişdeleri yzygiderli gatnaýan şäherara we halkara gatnaw ugurlary boýunça poçta ugratmalaryny daşamak üçin şertnama baglaşmakdan boýun gaçyrmaga haky ýokdur.

## 33-nji madda. Poçta ugratmalarynyň eltilmegi

1. Poçta ugratmalary, şeýle hem ýazylyşykly döwürleýin metbugat ugradyjy tarapyndan görkezilen alyjynyň özüne ýa-da onuň ygtyýarly şahsyna, ýa-da abonent poçta gutusynyň üsti bilen eltilýär (gowşurylýar).

2. Hassahanalarda, şypahanalarda, dynç alyş öýlerinde, tussaglykda saklanylýan ýerlerde bolýanlara poçta ugratmalary olaryň bolýan ýerindäki dolandyryş edarasyna eltilip (gowşurylyp) bilner.

3. Özüniň iş häsiýeti boýunça ilatly nokatlaryň daşynda bolýan we barmasy kyn ýerlerdäki adresatlara poçta ugratmalaryny we telegrammalary daşamak we eltmek «Türkmenaragatnaşyk» agentligi tarapyndan tassyklanylýan Poçta düzgünlerine laýyklykda amala aşyrylýar.

4. Belli bir maksada niýetlenen tölegler adresatyň özüne ýa-da kepillendiriji tarapyndan tassyklanan ynanç haty boýunça onuň ygtyýarly şahsyna eltilýär (gowşurylýar).

5. Köp öýli ýaşaýyş jaýlarynyň eýeleri her bir basganҫak öýjüginiň birinji gatlarynda abonent poçta gutularynyň toplumlaryny enjamlaşdyrmaga borçludyrlar. Hususy jaýlaryň eýeleri abonent poçta gutularyny öz ýerleriniň, ýanýodadan ýa-da ýoluň gyrasyndan barmak mümkinçiligi bolan girelgelerinde enjamlaşdyrmaga borçludyrlar.

6. «Türkmenaragatnaşyk» agentligi tarapyndan tassyklanylýan Poçta düzgünlerine laýyklykda poçta ugratmalary, şeýle hem ýazylyşykly döwürleýin metbugat müşderilere hususy jaý gurlan ýerlerde, şeýle hem bagçylyk bileleşikleriniň ýerleşýän ýerlerinde bu maksatlar üçin ýörite enjamlaşdyrylan topara degişli abonent şkaflaryna eltilip bilner.

7. Ýuridik şahslara poçta ugratmalaryny, döwürleýin metbugaty, şeýle hem "talap edilýänçä" belgili poçta ugratmalaryny eltmegiň tertibi poçta kadalary bilen bellenilýär.

**34-nji madda. Poçta ugratmalarynyň abat saklanylmagy**

1. Poçta aragatnaşyk operatorlary kabul edilen poçta ugratmalarynyň we pul serişdeleriniň abat saklanylmagyny üpjün etmäge borçludyrlar.

2. Poçta ugratmalarynyň işlenilýän we pul serişdeleriniň saklanylýan jaýlary, şeýle hem olaryň daşalýan ulag serişdeleri keseki adamlar baryp bilmez ýaly enjamlaşdyrylmalydyr.

3. Poçta ugratmalarynyň abat saklanylmagyny üpjün etmek üçin poçta aragatnaşyk operatorlarynyň işgärleriniň poçta ugratmalary ýüklenilýän-düşürilýän wagtynda demir ýol, deňiz, içerki suw, howa we awtomobil ulaglarynyň duralga ýerlerinde bolmaga hukugy bardyr.

**35-nji madda. Poçta ugratmalaryna gümrük gözegçiligi**

1. Halkara poçta ugratmalary Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilen mahalynda poçta aragatnaşyk operatorlary tarapyndan gümrük edaralaryna gözegçilik üçin görkezilýär. Poçta aragatnaşyk operatorlary poçta ugratmalarynda serhediň üstünden iberilmegi gadagan edilýän goýumlaryň sanawyny poçta aragatnaşyk hyzmatlaryny peýdalanyjylaryň dykgatyna ýetirmäge borçludyrlar.

2. Türkmenistanyň gümrük edaralary tarapyndan halkara poçta ugratmalarynyň gözden geçirilmegi, gözegçilikden geçirilmegi we çykarylyp alynmagy, olardaky daşalmagy gadagan edilen goýumlaryň aýrylmagy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde amala aşyrylýar.

**36-njy madda. Poçta ugratmalarynyň ätiýaçlandyrylmagy**

Ýuridik we fiziki şahs-ugradyjy poçta ugratmasyny onuň gymmatyny aýan etmek bilen, ätiýaçlandyrmaga haklydyr. Yglan edilen gymmatlygyň möçberi ugradyjy tarapyndan kesgitlenilýär we ol poçta ugratmasyndaky goýumyň hakyky bahasyna laýyk gelmelidir.

## VII BAP.
## TELERADIO ÝAÝRADYŞ BOÝUNÇA TELEKOMMUNIKASIÝA ARAGATNAŞYK HYZMATLARY

### 37-nji madda. Telewideniýe we radio önümleriniň toplumyny ýaýlyma bermek boýunça telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlarynyň edilmeginiň we peýdalanylyşynyň tertibi

- 1. Telewideniýe we radio önümleriniň toplumyny ýaýlyma bermek we aralyk kabul ediji we ýaýradyjy beket arkaly ýaýlyma bermek boýunça telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlary şu Kanuna we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda ýerine ýetirilýär.

2. Telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlaryny peýdalanyjylar bilen aragatnaşyk operatorynyň arasynda şertnamanyň baglaşylmagy telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlaryny peýdalanyjylara telewideniýe we radio önümleriniň toplumyny ýaýlyma bermek we aralyk kabul ediji we ýaýradyjy beket arkaly ýaýlyma bermek boýunça telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlaryny etmegiň şerti bolup durýar.

3. Aragatnaşyk operatorlary tarapyndan teleradio ýaýradyş boýunça telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlarynyň tölegi boýunça Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen ýeňillikler peýdalanyjylara Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda berilýär.

### 38-nji madda. Internet-hyzmatlaryny etmegiň ýörelgeleri

Internet-hyzmatlaryny etmegiň ýörelgeleri halkara hukugynyň ileri tutulýan umumy ykrar edilen kadalaryndan we ýörelgelerinden, Türkmenistan tarapyndan tassyklanan halkara şertnamalaryny we halkara hukugynyň beýleki namalaryny berjaý etmekden ugur alnyp, şeýle hem habar howpsuzlygyny üpjün etmegiň zerurlygyny we Türkmenistanyň kanuny bähbitlerini, Internet-hyzmatlary edilende fiziki we ýuridik şahslaryň hukuklarynyň goragyny hasaba almak bilen, şu Kanuna we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda guralýar.

**39-njy madda** Türkmenistanyň 20.03.2017 ý. № 529-V Kanuny esasynda güýjüni ýitiren.

**40-njy madda. Adatdan daşary ýagdaý şertlerinde telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlarynyň edilmegi**

1. Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tebigy betbagtçylyklarda, epidemiýalarda, epizootiýalarda we beýleki adatdan daşary ýagdaýlarda aragatnaşygy dolandyrmagy amala aşyrýar we edara degişliligine we eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, islendik tehniki serişdeleri we telekommunikasiýa hem-de poçta aragatnaşyk ulgamlaryny peýdalanmakda, şeýle hem olaryň işini togtatmakda artykmaç hukuga eýedir.

2. Aragatnaşyk operatorlary adatdan daşary ýagdaý şertlerinde adamlaryň deňizdäki, ýerdäki, howadaky, älem giňişligindäki howpsuzlygyna hem-de goranmak, howpsuzlyk we hukuk tertibini goramak babatda gaýragoýulmasyz çäreleriň geçirilmegine degişli ähli habarlara, şeýle hem uly awariýalar, betbagtçylyklar, epidemiýalar we beýleki adatdan daşary ýagdaýlar hakyndaky habarlara çäksiz ileri orun bermelidirler.

# VIII BAP. TELEKOMMUNIKASIÝA ARAGATNAŞYK HYZMATLARYNY PEÝDALANYJYLAR

## 41-nji madda. Telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlaryny peýdalanyjylaryň hukuklary

Telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlaryny peýdalanyjylar telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlarynyň buýurmasyny amala aşyrýan we (ýa-da) telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlaryny peýdalanýan wagtynda şu aşakdakylara hukugy bardyr:

1) öz hukuklarynyň döwlet tarapyndan goralmagyna;

2) telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlaryny erkin peýdalanmaga;

3) telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlarynyň howpsuz bolmagyna;

4) telekommunikasiýa aragatnaşyk operatoryny saýlamaga;

5) telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlarynyň görnüşini we sanyny saýlamaga;

6) telekommunikasiýa aragatnaşyk operatoryndan telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlarynyň mazmuny, hili we hyzmat ediliş tertibi hakynda mugt maglumat almaga;

7) telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlaryny öz wagtynda we ýokary hilli almaga;

8) telekommunikasiýa aragatnaşyk operatorlaryndan olaryň hödürlän telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlary hakynda habar almaga;

9) telekommunikasiýa aragatnaşyk operatory tarapyndan peýdalanyjynyň ýazmaça arzasy esasynda onuň hyzmatlaryň aýry-aýry görnüşlerini peýdalanmagynyň çäklendirilmegine;

10) telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlaryndan boýun gaçyran mahalynda telekommunikasiýa aragatnaşyk operatory tarapyndan öňinçä tölenen pulunyň galan möçberiniň gaýtarylyp berilmegine;

11) telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlaryny etmegiň şertnamasynda bellenilen tertipde telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlaryndan boýun gaçyrmaga;

12) buýrulan telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatyndan boýun gaçyrylmagynyň mümkinçiligi we tertibi hakynda maglumat almaga;

13) telekommunikasiýa aragatnaşyk operatorlaryndan peýdalanan telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlary görkezilen çap edilen ýazgylary almaga;

14) telekommunikasiýa aragatnaşyk operatorlarynyň hukuga ters gelýän hereketleri barada ýokarda durýan edaralara ýa-da kazyýete şikaýat etmäge;

15) Türkmenistanyň kanunçylygynda we telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlaryny etmegiň şertnamasynda göz öňünde tutulan başga hukuklar.

**42-nji madda. Telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlaryny peýdalanyjylaryň borçlary**

Telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlaryny peýdalanyjylar şu aşakdakylara borçludyrlar:

1) telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlaryny peýdalanmagyň kadalaryny berjaý etmäge;

2) bellenilen talaplara laýyk gelýän resminamasy bolan ahyrky enjamy peýdalanmaga;

3) ahyrky enjamyň milli howpsuzlygyň, goranmagyň we hukuk tertibiniň bähbitlerine zeper ýetirýän hukuga garşy gelýän hereketleri amala aşyrmak üçin peýdalanylmagyna ýol bermezlige;

4) telekommunikasiýa aragatnaşyk ulgamlaryny ulanmagyň howpsuzlygyna, telekommunikasiýa aragatnaşyk ulgamlarynyň bitewüligine we özara hereketine, telekommunikasiýa aragatnaşyk ulgamlarynyň habar howpsuzlygyna, radioelektron serişdeleriniň elektromagnit ylalaşyjylygyna wehim salyp biljek, şeýle hem beýleki

peýdalanyjylara hyzmat edilende çylşyrymlaşdyryp ýa-da päsgelçilik döredip biljek hereketlere ýol bermezlige;

5) ahyrky enjamlaryň we abonent liniýalarynyň üçünji şahslar tarapyndan peýda görmek maksady bilen peýdalanylmagyna ýol bermezlige.

**43-nji madda. Telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlaryny peýdalanyjylar baradaky maglumatlaryň goralmagy**

1. Aragatnaşyk operatory şertnama baglaşylan mahalynda telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlaryny peýdalanyjylar hakynda alnan maglumatlaryň, edilen telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlary, şol sanda olaryň dowamlylygy, mazmuny, ugurlary hakyndaky maglumatlaryň goralyp saklanylmagyny üpjün etmäge we şonuň üçin jogapkärçilik çekmäge borçludyr.

2. Eger telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlarynyň şertnamasynda telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlaryny peýdalanyjynyň şeýle maglumatyň çap edilmegini gadagan etmesi bolmadyk halatynda telefon maglumat kitapçalary, şol sanda maglumat-habarnama gulluklarynyň elektron wersiýalary we maglumatlar binýatlary, abonentiň familiýasy, ady, atasynyň ady, salgysy we telefon belgisi hakynda maglumatlary özünde jemläp biler.

3. Abonentler hakyndaky maglumatlaryň awtomatlaşdyrylyp işlenmeginiň barşynda aragatnaşyk operatory olaryň şu Kanuna laýyklykda goralmagyny üpjün edýär. Telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlaryny peýdalanyjynyň habar-maglumat gulluklarynyň maglumatlar binýatlarynyň elektron wersiýalaryndan özi hakynda doly ýa-da kem-käsleýin maglumatlary mugt almaga hukugy bardyr.

4. Telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlaryny peýdalanyjylar we olaryň peýdalanýan telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlary hakynda maglumatlar üçünji şahslara Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatda we tertipde berlip bilner.

**44-nji madda. Telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlaryny edýän aragatnaşyk operatorynyň işi bes edilen halatynda telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlaryny peýdalanyjynyň bähbitleriniň goralmagy**

1. Telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlaryny etmek boýunça işini bes edýän aragatnaşyk operatory telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlarynyň bes edilmegine çenli bir aýdan gijä galman bu hakda telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlaryny peýdalanyja duýdurmaga borçludyr.

2. Aragatnaşyk operatory tarapyndan Türkmenistanyň kanunçylygynyň bozulmagy netijesinde belgi we/ýa-da radioýygylyk resursyny almak üçin rugsatnama ýatyrylan ýa-da hakyky däl diýlip ykrar edilen halatynda, şeýle aragatnaşyk operatory Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde abonente telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlarynyň bes edilmegi bilen baglanyşykly ýitgilerini tölemäge borçludyr.

## IX BAP. TELEKOMMUNIKASIÝA ARAGATNAŞYK OPERATORLARY

**45-nji madda. Telekommunikasiýa aragatnaşyk operatorlarynyň işiniň hukuk esaslary**

1. Telekommunikasiýa aragatnaşyk operatorlary öz işini şu Kanuna we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda amala aşyrýarlar.

2. Şu aşakdakylar telekommunikasiýa aragatnaşyk operatorlarynyň işiniň hukuk esaslary bolup durýar:

1) operatorlaryň Türkmenistanyň telekommunikasiýa aragatnaşyk bazaryndaky deňhukuklylygy;

2) telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlaryny peýdalanyjylaryň bähbitleriniň ileri tutulmagy;

3) telekommunikasiýa aragatnaşyk operatorlarynyň päk ýürekli bäsleşik şertlerinde işlemegi;

4) telekommunikasiýalar bazaryndaky beýleki ýuridik we fiziki şahslar babatda monopoliýa (agalyk edýän) ýagdaýyny eýeleýän telekommunikasiýa aragatnaşyk operatorlary tarapyndan kemsitmelere ýol berilmezligi.

**46-njy madda. Telekommunikasiýa aragatnaşyk operatorlarynyň hukuklary**

Telekommunikasiýa aragatnaşyk operatorlary şu aşakdaky hukuklara eýedirler:

1) şu Kanuna we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda aragatnaşyk babatda işi amala aşyrmaga;

2) belgileýiş resursyny almaga;

3) öz ulgamlaryny meýilleşdirmäge we ösdürmäge;

4) nyrhlary Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bellemäge;

5) telekommunikasiýa aragatnaşyk operatoryna bölünip berlen belgileýiş resursynyň ulgamlarynda telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlaryny peýdalanyjylara telefon belgilerini bermäge;

6) şu Kanuna laýyklykda öz eýeçiliginde ýa-da peýdalanmagynda durýan telekommunikasiýa ulgamlaryny beýleki telekommunikasiýa aragatnaşyk operatorlarynyň telekommunikasiýa aragatnaşyk ulgamlary bilen birikdirmäge;

7) telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlaryny peýdalanmagyň kadalaryny bozan telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlaryny peýdalanyjylara telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlarynyň sanawyny kemeltmäge ýa-da togtatmaga;

8) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde berlen aragatnaşyk babatda kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryna laýyk gelýändigini tassyklaýan resminamasy bolmasa, telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlaryny peýdalanyjynyň ahyrky enjamyny öçürmäge;

9) aragatnaşyk babatda işi Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde bes etmäge;

10) Türkmenistanyň kanunçylygynda we telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlarynyň edilmegi hakyndaky şertnamalarda göz öňünde tutulan beýleki hukuklar.

**47-nji madda. Telekommunikasiýa aragatnaşyk operatorlarynyň borçlary**

Telekommunikasiýa aragatnaşyk operatorlary şu aşakdakylara borçludyrlar:

1) aragatnaşyk babatdaky işi ygtyýarnamalar bolan mahalynda amala aşyrmaga;

2) peýdalanyjylaryň ýangyndan goraýyşy, polisiýany, tiz lukmançylyk kömegini, gaz heläkçiligi gullugyny we Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan başga gulluklary çagyrmak üçin umumy peýdalanylýan telekommunikasiýa aragatnaşyk ulgamlaryndan mugt peýdalanmagyna şert döretmäge;

3) bellenilen hil görkezijileri we nyrhlar boýunça telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlaryny etmäge;

4) telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlaryny peýdalanyjylara şertnama baglaşmak üçin gerek bolan, şeýle hem olaryň edýän telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlary hakynda gutarnykly maglumat bermäge;

5) telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlaryny peýdalanyja edilýän telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlarynyň hasabyny ýöretmäge;

6) telekommunikasiýa aragatnaşygynyň edilen hyzmatlary hakyndaky ýazgylary olary saklamagyň Türkmenistanyň kanunçylygynda

bellenilen möhletleri geçýänçä saklamaga we Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde olar hakynda maglumat bermäge;

7) telekommunikasiýa ulgamlarynyň adatdan daşary ýagdaýdaky şertlerde işlemäge taýýarlygyny üpjün etmäge;

8) telekommunikasiýa ulgamlary we olaryň başga telekommunikasiýa ulgamlar bilen özara gatnaşygy hakynda hasaba alşy we resminamalary ýöretmäge;

9) telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlary üçin telekommunikasiýa aragatnaşyk operatorynyň özi tarapyndan bellenilýän nyrhlary olaryň girizilmegine azyndan ýedi senenama güni galýança halka ýetirmäge;

10) bölünip berlen belgileýiş resursynyň atlarda peýdalanylmagyny üpjün etmäge;

11) Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda we tertipde telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlaryny peýdalanyjylara telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlarynyň sanawynyň kemeldilmeginiň ýa-da olaryň ahyrky enjamynyň öçürilmeginiň mümkindigi hakynda duýduryş bermäge;

12) telekommunikasiýa ulgamlaryndan we bu ulgamlar tarapyndan berilýän maglumatlardan rugsatsyz paýdalanylmagyna ýol bermezlik üçin çäre görmäge;

13) maglumat howpsuzlygyna täsir edip biljek howplar (zyýanly kod, wiruslar, düzgün bozulmalar) aradan aýrylýança, degişli aragatnaşyk ulgamynyň işini togtatmaga ýa-da düzgüni bozan peýdalanyjynyň maglumat ulgamynda ygtyýarlygyny çäklendirmäge;

14) maglumat tehnikalaryny (tehnologiýalary), Internet toruny peýdalanmak arkaly amala aşyrylýan kiberjenaýatçylygyň garşysyna geçirilýän işlere ýardam bermäge;

15) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda dessin-agtaryş işini amala aşyrýan edaralar tarapyndan dessin-agtaryş çärelerini geçirmek üçin telekommunikasiýa aragatnaşyk ulgamlarynda peýdalanylýan enjamlaryň oturdylmagyny we işlemegini üpjün etmäge. Dessin-agtaryş çärelerini geçirmekde telekommunikasiýa aragatnaşyk ulgamlarynda oturtmak üçin peýdalanylýan tehniki serişdeleriň we enjamlaryň

düzümini we sanyny saýlamak dessin-agtaryş işini amala aşyrýan edaralara degişli bolup durýar;

16) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen beýleki borçlaryny ýerine ýetirmäge.

**48-nji madda. Dessin-agtaryş çäreleri geçirilende we derňew hereketleri amala aşyrylanda telekommunikasiýa aragatnaşyk operatorlarynyň borçlary**

1. Telekommunikasiýa aragatnaşyk operatorlary dessin-agtaryş işini amala aşyrýan edaralara telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlaryny peýdalanyjylar hakynda we özleriniň ýerine ýetiren telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlary hakynda maglumaty bermäge, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen halatlarda bu edaralaryň üstüne ýüklenen wezipeleri ýerine ýetirmek üçin gerek bolan başga maglumatlary bermäge borçludyrlar.

2. Telekommunikasiýa aragatnaşyk operatorlary dessin-agtaryş işini amala aşyrýan edaralar bilen ylalaşyp, dessin-agtaryş çärelerini geçirmek üçin aragatnaşyk ulgamlary we serişdeleri üçin «Türkmenaragatnaşyk» agentligi tarapyndan bellenen talaplaryň durmuşa geçirilmegini üpjün etmäge borçludyrlar. Telekommunikasiýa aragatnaşyk ulgamlary ýa-da serişdeleri şahsyýetiň, jemgyýetiň we döwletiň bähbitlerine zyýan ýetirýän jenaýatçylykly maksatlar bilen peýdalanylan mahalynda şeýle telekommunikasiýa ulgamlaryň ýa-da aragatnaşyk serişdeleriniň işlemegi togtadylýar.

3. Telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlaryny peýdalanyjylara telekommunikasiýa aragatnaşyk hyzmatlarynyň edilmeginiň togtadylmagy dessin-agtaryş işini amala aşyrýan edaranyň ýolbaşçylarynyň biriniň esaslandyrylan karary ýa-da kazyýetiň çözgüdi esasynda telekommunikasiýa aragatnaşyk operatorlary tarapyndan Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar.

4. Telekommunikasiýa aragatnaşyk operatorlary dessin-agtaryş işini amala aşyrýan edaranyň ýolbaşçylarynyň biriniň esaslandyrylan karary

ýa-da kazyýetiň çözgüdi esasynda aragatnaşyk hyzmatlarynyň edilmegini dikeltmäge borçludyrlar.

5. Aragatnaşyk ulgamynyň mümkinçiliklerini ulanmak arkaly terrorçylygy, urşy wagyz etmek, dini, milli we sosial ýigrenç döretmäge çagyryş etmek, milli we ahlak gymmatlyklara zyýan ýetirýän maglumatlary, çagalaryň jany we saglygy üçin zyýanly bolan kontentleri (zyýanly mazmunly grafiki, surat görnüşli, wideo materiallar, makalalar, gazetler, telegepleşikler) ýaýratmak bilen meşgullanýan maglumat çeşmeleriniň Türkmenistanyň çäginde peýdalanylmagy dessin-agtaryş işini amala aşyrýan edaranyň ýolbaşçysynyň esaslandyrylan karary ýa-da kazyýetiň çözgüdi esasynda gadagan edilýär.

6. Kompýuter ulgamlaryndaky döwlet syry bolup durýan maglumatlardan peýdalanylýan döwürde bellenilen kadalar bozulan halatynda dessin-agtaryş işini amala aşyrýan edaranyň ýolbaşçysynyň esaslandyrylan karary ýa-da kazyýetiň çözgüdi esasynda bu iş togtadylýar.

7. Dessin-agtaryş işini amala aşyrýan edaralar bilen telekommunikasiýa aragatnaşyk operatorlarynyň özara hereket etmeginiň tertibi şu Kanun we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen kesgitlenilýär.

8. Ygtyýarly döwlet edaralary tarapyndan derňew hereketleri geçirilen mahalynda telekommunikasiýa aragatnaşyk operatorlary Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bu edaralara ýardam etmäge borçludyrlar.

**49-njy madda. Telekommunikasiýa aragatnaşyk operatorlarynyň işgärleri**

1. Telekommunikasiýa aragatnaşyk operatory bilen zähmet gatnaşyklarynda durýan ähli işgärler onuň işgärleri bolup durýarlar.

2. Telekommunikasiýa aragatnaşyk operatorynyň işgärleri aragatnaşyk serişdeleri arkaly berilýän telefon gepleşikleriniň, telegraf ýa-da beýleki hat-habarlaryň, şeýle hem milli howpsuzlygyň, goranyşyň hem-de hukuk tertibini goramagyň bähbitlerine laýyklykda telekommunikasiýa

aragatnaşyk ulgamlarynyň guralyşy we işleýşi hakynda tanşylmagy çäklendirilen maglumatyň syryny saklamak babatda Türkmenistanyň kanunçylygynyň talaplarynyň bozulmagyna ýol berendikleri üçin jogapkärçilik çekýärler.

## X BAP. ARAGATNAŞYK BABATDAKY JOGAPKÄRÇILIK

### 50-nji madda. Aragatnaşyk operatorlarynyň jogapkärçiligi

1. Aragatnaşyk operatorlary we olaryň wezipeli işgärleri şu Kanunyň talaplarynyň bozulmagyna ýol berendikleri üçin Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýärler.

2. Aragatnaşyk operatory habarlary bermek ýa-da kabul etmek boýunça ýa-da poçta ugratmalaryny ibermek ýa-da eltmek boýunça borçnamalaryň ýerine ýetirilmezligi ýa-da göwnejaý ýerine ýetirilmezligi üçin, eger borçnamalaryň şeýle ýerine ýetirilmezligi ýa-da göwnejaý ýerine ýetirilmezligi aragatnaşyk hyzmatlaryny peýdalanyjynyň günäsi boýunça bolup geçse ýa-da ýeňip geçip bolmajak güýjüň (ýer titremeginiň, suwuň joşmagynyň, harasadyň we başgalaryň) täsiri netijesinde bolan bolsa, munuň üçin jogapkärçilik çekmeýär.

3. Aragatnaşyk operatory peýdalanyjy tarapyndan şertnamanyň şertleri, enjamlary ulanmagyň kadalary bozulan halatynda, telekommunikasiýa aragatnaşyk ulgamynda güwälendirilmedik enjam ulanylanda, şeýle hem hyzmatlaryň tölegi wagtynda tölenmedik halatynda kemçilikler düzedilýänçä aragatnaşyk ulgamyndan peýdalanyp bilmegini togtatmaga haklydyr, Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan aragatnaşyk hyzmatlaryny peýdalanyjy tarapyndan aragatnaşyk operatorynyň ýitgileriniň we enjama zeper ýetmegi ýa-da boş durmagy zerarly aragatnaşyk operatoryna ýetirilen zyýanyň öweziniň dolunan halatlary muňa degişli däldir.

4. Aragatnaşyk operatory ýeňip geçip bolmajak güýjüň (ýer titremeginiň, suwuň joşmagynyň, harasadyň we başgalaryň) täsiri netijesinde, şeýle hem aragatnaşyk operatorlarynyň peýdalanýan liniýalary we stansiýa desgalarynyň ogurlanan ýa-da olara üçünji

taraplaryň günäsi bilen zeper ýetirilen halatynda ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda peýdalanyjynyň günäsi boýunça borçlaryň ýerine ýetirilmezligi ýa-da göwnejaý ýerine ýetirilmezligi üçin aragatnaşyk hyzmatlaryny peýdalanyjynyň öňünde jogapkärçilik çekmeýär.

5. Aragatnaşyk operatorlary öz ulgamlary arkaly berilýän habaryň mazmuny üçin jogapkärçilik çekmeýärler.

6. Aragatnaşyk operatory tarapyndan aragatnaşyk hyzmatlaryny peýdalanyja aragatnaşyk hyzmatlarynyň edilmegi hakyndaky şertnama boýunça borçlarynyň göwnejaý ýerine ýetirilmändigi bilen baglanyşykly ýitgileriniň öweziniň tölenilmegi Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda geçirilýär.

**51-nji madda. Aragatnaşyk hyzmatlaryny peýdalanyjylaryň jogapkärçiligi**

1. Aragatnaşyk hyzmatlaryny peýdalanyjylar şu Kanunyň talaplarynyň bozulmagyna ýol berendikleri üçin Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýärler.

2. Aragatnaşyk hyzmatlaryny peýdalanyjynyň günäsi bilen telekommunikasiýa aragatnaşyk ulgamyna zeper ýeten halatynda telekommunikasiýa aragatnaşyk operatorynyň zeper ýetmeleri düzetmek üçin, şeýle hem oňa bu zeper zerarly ýetirilen beýleki ýitgiler (şol sanda alynmadyk girdeji) üçin ähli çykdajylar aragatnaşyk hyzmatlaryny peýdalanyjynyň üstüne ýüklenilýär.

**52-nji madda. Nägilelikleri bildirmegiň tertibi**

1. Aragatnaşyk hyzmatlaryny peýdalanyjylar Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde aragatnaşyk operatorlaryna, şeýle hem aragatnaşyk hyzmatlaryny edýän ýuridik we fiziki şahslara

nägileliklerini, şol sanda ýitginiň öwezini dolmak talaby bilen baglanyşykly nägileliklerini bildirmäge hukuklydyrlar.

2. Aragatnaşyk operatorlary bilen aragatnaşygyň hyzmatlaryny peýdalanyjylaryň arasynda ýüze çykýan jedeller Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde çözülýär.

## XI BAP. TÜRKMENISTANYŇ ARAGATNAŞYK BABATDA HALKARA HYZMATDAŞLYGY

### 53-nji madda. Türkmenistanyň aragatnaşyk babatda halkara hyzmatdaşlygy

Türkmenistanyň aragatnaşyk babatda halkara hyzmatdaşlygy halkara hukugynyň umumy ykrar edilen ýörelgelerini we kadalaryny, şeýle hem Türkmenistanyň halkara şertnamalaryny berjaý etmeginiň esasynda amala aşyrylýar.

### 54-nji madda. Halkara aragatnaşygy babatdaky işi düzgünleşdirmek

1. Türkmenistanyň çäginde halkara aragatnaşygy babatdaky iş bilen baglanyşykly gatnaşyklar Türkmenistanyň aragatnaşyk babatdaky halkara şertnamalary, şu Kanun we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýär.

2. Halkara poçta aragatnaşyk we telekommunikasiýa aragatnaşyk operatorlarynyň arasynda hasaplaşyklaryň tertibi halkara ulanylyş ylalaşyklarynyň esasynda we Türkmenistanyň gatnaşyjysy bolup durýan halkara poçta aragatnaşyk we elektrik aragatnaşyk guramalarynyň maslahatlaryny hasaba almak bilen bellenilýär.

3. Türkmenistanyň çäginde dünýäniň habar-telekommunikasiýa ulgamlarynyň çäklerinde aragatnaşyk hyzmatlaryny etmek üçin şu aşakdakylar hökmanydyr:

1) Türkmenistanyň ýeke-täk aragatnaşyk ulgamy bilen özara hyzmatdaşlygy üpjün edýän dünýä aragatnaşyk ulgamlarynyň milli segmentlerini döretmek;

2) şu Kanunda bildirilýän talaplara laýyk gelýän milli aragatnaşyk operatorlaryny döretmek;

3) ykdysady, jemgyýetçilik, goranmak, ekologik, habar we başgalar babatdaky howpsuzlygy üpjün etmek.

## XII BAP. JEMLEÝJI DÜZGÜNLER

### 55-nji madda. Şu Kanunyň güýje girmegi

1. Şu Kanun resmi taýdan çap edilen gününden güýje girýär.

2. Türkmenistanyň şu Kanuna ters gelýän kadalaşdyryjy hukuk namalary ol güýje giren gününden başlap üç aýyň dowamynda şu Kanuna laýyk getirilmäge degişlidir.

3. 1996-njy ýylyň 20-nji dekabryndaky "Aragatnaşyk hakynda" Türkmenistanyň Kanunyny (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 1996 ý., № 4, 64-nji madda) güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli.

**Türkmenistanyň Gurbanguly**

**Prezidenti Berdimuhamedow**

Aşgabat şäheri.

2010-njy ýylyň 12-nji marty.

№ 93-IV.